# Göwnüme

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Göwnüme GÖWNÜME

Zelil göwnüm, tapman başyn-aýagyn,
Barýarsyñ-la düz ýollarda azaşyp.
Öz-özüñden ýitip gidäýme birden,
Garaşýana garaşman,
Garaşmaýana garaşyp.

Ýa-da munuñ bolmalysy şeýlemi,
Belki, şudur ykbalymyñ peşgeşi.
Başga bir güýç yşk heserli gyzyna,
Rowa görermidi bu çatak işi.

Gözüm nurly ýollaryña siñipdir,
Didelerim garaşmakdan ýadamaz.
Hon-ha, günler halym bilmän ýaşyp dur,
Ak dañlaram atyp dur-la, sag-aman.

Zelil göwnüm, hergiz baky bilmegin,
Bu ötegçi günler geçer, ýyl aşar.
Belki, bir gün, biziñ deýin elenip,
Garaşmaýan garaşar…

Bahargül MÄMIÝEWA. Goşgular